# «Goşgy talañçylarynyñ» eline kakmaly…

Category: Edebi tankyt,Kitapcy,Nukdaýnazar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Goşgy talañçylarynyñ" eline kakmaly… **Oguljemal Çaryýewanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Anna, 04.08.2023 ý.
Salam, kitapçylar we kitapçy saýtynyñ okyjylary! «Nukdaýnazarda» şygyr ogrulary hakda goýlan şu günki ýazgylary okadym. Derwaýys mesele gozgalýar. Ýöne edebi tankytmy ýa başgarak seljeriş ýörelgesi, garaz bir seljeriş terezisi gerek. Wagt geçende hemme zadyñ bilinjegi aýdylypdyr. Tamdyr gyzanda ýapylmasa, küle gaçan çörek kime gerek? Käwagt radio-teleýaýlymlarda goşgy okalýar, özem tas ýatdan bilýän goşgyñy «Şu goşgy pylanyñky bolmaly» diýip, pikiriñi tekrarlamankañ awtor hökmünde eşitmedik adyñy aýdýarlar.
Iliñ mellegine gireni üçin mellek eýesini günälämok, bize **edebi Syn** gerek. Sebäbi mellek eýesi haýsy birinden gorasyn. Mysal üçin, käte, Imo sahypamda goýan tymsallarym birki aýdan gazetlerde başga awtoryñ ady bilen gidýän halatlaryny görýän.

Neşir edilen ýere aýtsañ-da, sen ýaman atly. Bizem «gowy atly» boljak bolup, gezip ýörüs. Arada bir gelin özüniñ dokuz gezek setirleriniñ alynandygyny aýdyp, zeýrenýär, gargaýar. Menem «subut et, gel, bir ýerlere berip gaýdyp, paş edeli» diýsem, «öz alajymy özüm görerin» diýýär. «Onda gaýrat et, meñ sahypamda gargama» diýip goýdurdym.
Irki döwürde birlän, ikilän bolmasa, aç-açan ogurlyk ýokdy. Ýöne «Pylankes» diýip göterilen şahyrlaryñ arasyndan hem ýazan zatlarynyñ dünýä edebiýatynyñ eserleriniñ arasyndan tapylmagy häzirem geñ galdyrýar. Umuman, ähli zatda halal bolmaly bolşy ýaly, sözde has halal bolmaly. Ol janly zat, bu gün bolmasa ertir öz hak eýesini tapýar.
Edebiýaty ösdürmek üçin ile öz zadyñ bilen, özüñ bolup çykmaly.
Seslenmelere begendim. Bu gün bolmasa ertir bilinerine däl-de, şu gün bilinmegini gazanmaly. Kitapçy saýtyna berekella diýýärin. Ýöne şeýle çekişmeler gazet-žurnallarda-da bolsa «goşgy talañçylarynyñ» eline kakylardy. Hemmäñize üstünlik!
Ine, men-ä şeýleräk pikirde. Dogrymy aýtsam, aýdym meselesinde-de, goşgy meselesinde-de kesgitläp berýän bölüm ýa gurama gerekmikä diýýärin. Öñler şeýle zatlar bardy.

- **Awtor hakda**

*Oguljemal Çaryýewa 1953-nji ýylyñ 22-nji fewralynda Mary welaýatynyñ Ýolöten etrabynyñ Talhatanbaba obasynda doguldy. Orta mekdebi tamamlandan soñ Türkmenabadyñ Seýitnazar Seýdi adyndaky pedagogik institutunda okady. 1976-njy ýylda öz okan mekdebinde türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işledi.*
*1978-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Döwlet kitaphanasynda ilki uly kitaphanaçy, soñ redaktor, uly redaktor bolup işledi.*
*O.Çaryýewanyñ Watan öñünde bitiren hyzmatlary, bitiren işleri göz öñünde tutulyp, ol 1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin», 1999-njy ýylda «Gaýrat» medallary bilen, 2001-nji ýylda «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni, 2010-njy ýylda «Türkmenistanyñ at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at bilen, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyñ*

*Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly, 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy» medaly bilen sylaglandy. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň 2003-nji, 2008-nji, 2013-nji ýyllaryndaky ýeňijisidir.*

*O.Çaryýewa häzir Metbugat merkeziniň kitaphanasynyň kitaphanaçysy bolup işleýär.* Nukdaýnazar